# Güýz ahwaly

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Güýz ahwaly GÜÝZ AHWALY

Güýzde ýatlap ýazda galan ýaşlygyn,
Howlymyzda baglar gamgyn yranýar.
Sary ýapraklaram şemala ykjap,
Diwana deý, çar tarapa urunýar.

Menem ýapraklary basmaga dözmän,
Syryp ýörün, ýuwaşjadan sübseläp.
Olaryñ çar ýana ykmazy ýaly,
Gursakdaky gussalam deý, desseläp,
Goýjak bolýanymdan bihabar kişi,
Sowal berdi: «Sen bulary gömjekmi?»…
…Diri ýere gömsem güýz ahwalyny,
Olar ýene gursagymda dömjekmi!?

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular